# Masgarabaz / ýumoreska

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Masgarabaz / ýumoreska MASGARABAZ



Saglygyna seretdirmäge gelen bir adam lukmana arzyny aýdypdyr, ýaramaýanlygyndan zeýrenipdir:
– Durmuşdan keýp alyp bilemok. Gynanybam bilemok, şatlanybam. Iýip-içibem bilemok, hiç işdäm ýok. Aç, ýarym-ýalaňaç adamlar göz öňüme gelýär, olar bilen bile üşeýärin. Her bolýan jenaýat üçin özümi günäkär saýýan. Göýä her ganhor pyçagynyň sapyny özüm tutýan ýaly duýýan. Her atylan gülle meň gursagma sümülýär. Bu jemgyýetiň bar günäsi meniň gerdenime ýüklenen ýaly. Gülmegi, ýylgyrmagy dagy bireýýäm ýatdan çykardym.
Lukman näsagyň egninden tutup, ony penjiräniň öňüne getirýär, tutyny syrýar, barmagyny uzadyp diwarda asylgy afişany görkezýär. Afişada sirk masgarabazynyň çykyşy ýazylgy eken. Ol:
– Gadyrdanym! – diýýär. – Şu masgarabazy görýäňmi? Men saňa her gün agşam şu masgarabazyň çykyşlaryna tomaşa etmäge gitmegi maslahat berýärin. Ähli dert-azaryňy, elem-gaýgyňy

undarsyñ. Gülmegi, şatlanmagy öwrenersiñ. Durmuşdan ýañadan keýp almaga başlarsyñ. — Näsag ylalaşýan äheñde başyny egýär. Lukman: — Ynha, şol masgarabaz meñ özüm-dä!

Eziz NESIN.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Satiriki hekaýalar